# IŇLIS DILI SAPAKLARYNDA SANLY BILIM GORLARYNDAN PEÝDALANMAGYŇ TÄRLERI

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanda bilim ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmek we dünýä ülňülerine laýyk gelýän bilim binýadyny berkden-berk tutmak boýunça örän ähmiýetli işleri alyp barýar. “Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmek hakynda”, “Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmek” boýunça Konsepsiýalaryň kabul edilmegi muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Ösen tehnologiýalar asyry bolan XXI asyrda adamzat durmuşynyň ähli ugurlaryna, şol sanda, ylym-bilim ulgamyna-da täze tehnologiýalar giňden ornaşdyrylýar. Okuw ulgamynda täze tehnologiýalary, interaktiw okuw usulyny, okuw tehnologiýalaryny netijeli ulanmak özüniň oňat netijelerini berýär. Täze tehnologiýalara daýanýan bilimiň maksadyny, mazmunyny anyk kesgitlemeli, täze usullary oýlap tapmaly, onuň üçin okuw serişdelerini döretmeli we guramaçylyk işleri utgaşykly alnyp gidilmeli. Bu düşünjeleri aşakdaky ýaly utgaşdyrmak bolar:




1-nji surat

Ýaşlara berilýän bilimiň ýokary hilli bolmagynyň esasy şertleriniň biri hem bilim bermekde öňden ulanylýan adaty usullaryň kämilleşdirilip, täze tehnologiýalar bilen sazlaşykly ulanylmagydyr. Döwrebap bilimiň maksady işjeň, aň-düşünjeli, jogapkärli, hemmetaraplaýyn kämil şahsyýeti kemala getirmekdir. Häzirki şertlerde

mugallymdan edilýän esasy talap çaganyň gylyk-häsiýetiniň aýratynlyklaryna düşünmek, usullardan, serişdelerden ýerlikli we dogry peýdalanmak, okuwçylaryň şahsy aýratynlyklaryna daýanmakdyr.

Bilim we terbiýe bermegiň adaty tejribesindäki “mugallym – okuwçy – kitap” üçlüginiň üsti bagtyýarlyk döwründe kompýuter bilen doldurylyp, üýtgewsiz ulanylýan “mugallym – kompýuter – okuwçy – kitap” görnüşli dörtlük emele geldi. Daşary ýurt dillerini okatmaklykda okuwyň toparlaýyn görnüşi häzirki döwre çenli bilim ulgamynda ulanylyp gelinýär. Bu okuw orta ýagdaýda okaýan okuwçynyň ukyp-başarnygyna gönükdirilendir. Emma ol aýratynlykda her bir çaganyň döredijilik zehinini ösdürmäge köp babatda oňyn mümkinçilikleri döretmekde asgyn gelýär.

Bilim ulgamyna maglumat tehnologiýalarynyňwe kompýuterleriň, elektron maglumatlaryň, elektron kitaphanalaryň peýda bolmagy okuwişini ýekebara görnüşde alyp barmaga we her okuwçynyň biliminiçuňlaşdyrmaga mümkinçilik berýär we okuw prosesini täze derejä galdyrýar.Okuwçylara ukyplaryna laýyk çemeleşmäge mümkinçilik berýän usul gowy netijäni berýär hem-de her bir okuwça öz okuw işini üstünlikli ýerine ýetirmäge şert döredýär, olarda kanagatlanma duýgularyny oýarýar hem-de okuwa bolan gyzyklanmasyny, höwesini artdyrýar.

Iňlis dili sapaklarynda täze tehnologiýalary ulanmak örän ähmiýetlidir. Iňlis dili sapaklarynda sanly bilim gorlaryndan peýdalanmak iňlis dili mugallymlaryndan maglumat-kommunikasion başarnygynyň bolmagyny talap edýär. Iňlis dili mugallymlarynyň maglumat-kommunikasion tehnologiýalar başarnyklary diýlende mugallymlaryň alyp barýan okuw-terbiýeçilik işlerinde maglumat-kommunikasion tehnologiýalary peýdalanyp bilmek taýýarlygynda ýüze çykýan şahsy başarnyklaryna düşünilýär.Iňlis dilini öwretmekde ulanylýan maglumat tehnologiýalary okuw işini üstünlikli guramakda we kämilleşdirmekde, iňlis dilini okatmaklygyň usullaryny baýlaşdyrmakda, işiň dürli görnüşlerini ulanmakda, sapagy gyzykly we ýatda galyjylykly guramakda, okuwçylaryň kommunikatiw we maglumat başarnygyny

kämilleşdirmekde, giň dünýägaraýyşly kämil ýaşlary terbiýelemekdeiň esasyokuw serişdeleriniň biri hasaplanylýar.

*Tehnologiýa*– bu ussatlyk baradaky ylymdyr. [5] Bu ýerde pedagogik işi ussatlyk bilen amala aşyrmak barada gürrüň gidýär. Pedagogik işi ussatlyk bilen amala aşyrmak üçin bolsa daşary ýurt dillerini okatmagyň häzirki zaman usullaryndan we okuw serişdelerinden (2-nji surat) ýerlikli peýdalanmak gerek.




2-nji surat

Iňlis dili sapaklarynda maglumat we kommunikasion tehnologiýalary: prezentasiýalar, sesli we sessiz tekstler, elektron tablisalar, testler, audio-wideo ýazgylar, internet çeşmeleri, elektron kitaplar bolup durýar.[4]

Sanly bilim gorlary (SBG) – bu okuwy guramak üçin zerur bolan fotosuratlaryň, wideoşekilleriň, wirtual hakykatyň we interaktiw modelleşdirmegiň obýektleriniň, statistiki we dinamiki modelleriň, kartografik materiallaryň, ses ýazgylarynyň, nyşan obýektleriniň we iş grafikasynyň, tekst resminamalarynyň we

beýleki okuw materiallarynyň sanly görnüşde berilmegidir. [2] Sanly bilim gorlary – okuw obýektleriniň özara baglanyşyklarynyň jemidir.

Sanly bilim ulgamy bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmaga, hilini ýokarlandyrmaga, bilim beriji usullary kämilleşdirmäge, okuwyň döwrebap maksadyndan baş çykarmaga, okuwçylaryň okamaga bolan höwesini artdyrmaga, özarabaglanyşykly okuwyň dürli görnüşlerini ulanmaga, uzak aralykdan elektron okuwlary guramaga [3], goşmaça we üznüksiz bilim almaga, emosional we ýatda galyjy hem-de wirtual sapaklary guramaga, şahsy çemeleşmeleri amala aşyrmaga, okuwçylaryň özbaşdaklygyny gazanmaga, mugallym bilen okuwçynyň özara gatnaşygyny üýtgetmäge, sapakda okuwçylar bilen alnyp barylýan gözleg we döredijilik işini ýola goýmaga, okuwçynyň bilimini obýektiw bahalandyrmaga, görkezme esbaplaryň hilini ýokarlandyrmaga, mugallymyň işini ýeňilleşdirmäge ýardam berýär.

Sanly bilim ulgamynyň iňlis dili mugallymyň pedagogik işinde berýän mümkinçilikleri şu aşakylardan ybarat:

- okuw materialyny gysga wagtyň içinde has düşnükli beýan etmek, gysga wagtyň içinde okuwçylaryň materialy özleşdirmegi;
- sapak üçin esasy we goşmaça maglumatlary ýygnamak;
- okuwçylaryň gepleşik endigini ösdürmek üçin wagt tygşytlamak;
- okuwçylar bilen umumy, toparlaýyn we ýekelikde okuw işlerini guramak, okuwçylaryň okuw işine gözegçilik etmegi ýeňilleşdirmek;
- okuwçylaryň iňlis dilini öwrenmäge bolan gyzyklanmasyny, höwesini artdyrmak, olary döredijilik işine çekmek, bilimi özleşdirmegiň tizligini hem-de ygtybarlylygyny güýçlendirmek;
- her bir okuwçynyň iňlis dilinde gürläp bilmegi üçin şert döretmek, işjeňligini artdyryp biljek, düşünip öwrenmekligini, döredijilkli işlemegini gazanyp bolaýjak usullary saýlamak.

Elektron okuw gollanmalary okuwçylaryň:

- yzygider pikirlenmesini ösdürmäge, faktorlary umumylaşdyrmaga, jemlemäge, deňeşdirmäge we seljermäge;
- maglumaty gözlemäge, ussatlyk bilen peýdalanmaga, uly göwrümli maglumatlar bilen işlemek başarnygyny ösdürmäge;
- geçilen, öwrenilen materialy özbaşdak öwrenmäge, berkitmäge we gaýtalamaga; milleti iňlis bolan adamyň gepleşigini diňlemäge;
- kompýuter bilen işlemek başarnygyny ele almaga;
- sapagy goýberen halatynda, boş wagty täze temany özbaşdak özleşdirmäge;
- özüne bolan ynamyny artdyrmaga ýardam edýär.

SBR-yň iş görnüşleri: umumy; toparlaýyn; iki çäk; ýekebara.

Sapakda we sapakdan daşary işlerde sanly bilim serişdelerini ulanmaklyk okuwçylarda iňlis dilini öwrenmekdäki kynçylyklary ýeňip geçmäge kömek edýär. Sapakdan daşary işlerde sapak döwri okuwçylaryň ýüze çykarylmadyk şahsy döredijilik hem-de işjeňlik ukyplaryny aýan etmäge ygtyýar berýär. Şeýle hem, üstünlige ýetmäge mümkinçiligi döredýär we öz gezeginde okuw işine oňaýly täsir edýär.

“Türkmen Älem 52E” türkmen hemra aragtanşygynyň kömegi bilen, sanly bilim ulgamynyň talabyna laýyklykda, mugallymlar sapaklarda we sapakdan daşary geçirýän okuw-terbiýeçilik işlerinde dünýä tejribesinde bar bolan wideo-şekilleri, maglumat alyşmak, uzak aralyk (distansion)okuwlary, göni ýaýlymda wideogepleşikleri guramak mümkinçiliklerinden giňden peýdalanyp bilýärler. Mundan başgada, şeýle wideoýazgylar okuw prosesinde multimedia programmalryny weumumy okuwyň tekstlerinidöretmekde hem peýdalanylýar.

Innowasion tehnologiýalaryň kömegi bilen biz elektron kitaplardan, taryhy ylmy çeşmelerden, ussat bilim işgärleriniň iş tejribesinden (wideoýazgylaryndan, sesýazgylaryndan) peýdalanyp bilýäris.

Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyna laýyklykda biziň ýokary okuw mekdebimizde hem sanly bilimi öz iş tejribämize ornaşdyrmakda

uly işler alnyp barylýar. Bu babatda institutymyzda elektron kitaphana, umumy okuwlaryň elektron ýazgylarynyň gory düzüldi webaýlaşdyrylýar.

Sapakda okuw serişdeleri bilen işlemek mugallym we okuwçy üçin amatly hem aňsat. Mugallym sapaga taýýarlananda geçjek temasyna görä ilki bilen ulanjak tehniki serişdesini kesgitlemeli. Mugallym Power Point programmasynyň kömegi bilen sapagyň yzygider slaýdlaryny taýýarlap, interaktiw tagtany ulananda, sapagyň deslapky ýazgysyny taýýarlanda [1], ilkinji nobatda haýsy maglumaty haçan görkezmelidigini meýilleşdirmeli. Mysal üçin, 5-nji synpda “My Motherland and Great Britain” bölümine jemi 12 sagat berlip,“From history of London, London, Places to visit, Present Perfect (Special questions) temalar meýilleşdirilýär.(Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň hödürlemeginde“Orta mekdepleriň I-XII synplary üçiniňlis dili dersi boýunça okuw maksatnamasy”, 2013 ý.) “Great Britain” bölümindäki meýilleşdirilen temalar geçilip bolandan soň jemleýji sapak hökmünde mugallym internet ulgamyndan we sanly bilim serişdelerinden peýdalanyp “Londona gaýybana syýahaty” gurap bilýär. Mugallym şu tema boýunça gyzykly slaýdlary taýýarlanda ilki bilen şu tema boýunça okuwçylaryň bilýän maglumatlaryny kesgitlemek üçin olara test (3-nji surat) hödürleýär.




3-nji surat

Internet ulgamyndaky maglumatlaryň üsti bilen milleti iňlis bolan adamyň gürrüň bermeginde wideo-roliklerinden peýdalanyp biler. (4-nji surat) bu bolsa okuwçylaryň dil öwrenmäge bolan höwesini has-da artdyrýar. Şeýle hem, iňlis dilinde görýän, eşidýän zatlaryny düşünýändigi üçin özlerine bolan ynamy hem

ösýär. Londona gaýybana syýahatdan soň dil we ýazuw üsti bilen birnäçe ýumuşlary ýerine ýetirýärler. Mugallym Power Point programmasynyň kömegi bilen taýýarlan Londonyň gözel ýerleri we taryhy ýadygärlikleri barada soraglary hödürleýär we okuwçylaryň olar baradaky düşünjelerini (wideoşekillerde gören zatlaryna düşünendiklerini) barlamak mümkinçiliginden peýdalanyp biler. (5-7-nji surat).




4-nji surat




5-nji surat




6-njy surat




7-nji surat

Şunuň bilen bir hatarda mugallym okuwçylar bilen öň geçilen “Present Perfect Tense”grammatik düzgüni hem gaýtalaýar. Ýagny, okuwçylar häzirki perfekt zamany ulanmak bilen olar Londonyň gözel ýerlerinde bolandygyny ýa-da bolmandygyny (wideoşekilde gören gözel ýerleri esasynda) ilki ýazýarlar soňra dilden “I

have/haven’t been … ”jogap berýärler we olar barada iňlis dilinde gürrüň berýärler. (Slaýdda taýýarlanan suratlaryň kömegi bilen (8-nji surat)).



8-nji surat

Sapagy ýokarky yzygiderlikde guramak özüniň oňat netijelerini berýär:

1. Mugallym sanly bilim serişdelerinden peýdalanmak bilen hünär taýdan yzygider kämilleşýär we täze usullarydöredýär, täze tejribeleri toplaýar.
2. Okuwçylaryň sapaga höwes bilen işjeň gatnaşmagyna itergi berýär.
3. Mugallymlaryň we okuwçylaryň döredijilikli işlemegine, dersara baglanyşygynyň saklanylmagyna, zerur bolan maglumatlary amatly usul bilen okuwçylara ýetirmäge, geçilen temalary gaýtalamaga ýardam berýär.
4. Sapakda köp sanly görkezme esbapdan peýdalanmak mümkinçiligini döredýär.
5. Sapagyň netijeliligini artdyrýar.
6. Okuwçylaryň diňläp düşünmek başarnyklarynyň endige öwrülmegine, iňlis dilinde dürs we dogry gürläp bilmeklerine ýardam berýär.

EDEBIÝAT


1. Allagulyýew A. Interaktiw – multimediýa tehnologiýalary. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.
2. Ataýew Ş. Sanly bilim ulgamy we okatmagyň usulýetini kämilleşdirmek. // “Mugallymlar gazeti”. № 99 (9333). 2017 ý., 14-nji awgusty.
3. Soltanow S., Berkeliýew M. Internet ulgamlary. – Aşgabat. 2012.
4. Şükürow G. A., AtdaýewaO. G., Kerimberdiýewa Ş. A. Kompýiter torlary. – Aşgabat. 2010.
5. Беспалько В.П. Слагаемые педагогической технологии. М., Педагогика, 1989г.



**Mämetniýazowa G “Türkmenistanda Ylym we tehnika” žurnaly,2018, №6**